# Sen henizem ölmän ýörmüñ?..

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sen henizem ölmän ýörmüñ?.. * * *

Sen henizem ölmän ýörmüñ,
Göroglyñ Gyratyn ogurlan kempir?!
Indi kimi aldajak sen,
hile bilen awlajak sen,
Bu günem toruña düşmeli kimdir?!

Sen henizem dirimiñ,
Hasan şugul?!
ýaýradyp dowul,
Sen bu günem bozuklaryñ birimiñ?!

Sen henizem barmysyñ,
Garaçomak?!
Daşyña nälet çolap,
ölmediñmi sen näme,
Nädip düşdüñ bu Eýýama?!

* * *

Ýaş ýigit öýüñ daşynda
aýlandy, ýola göz dikip.
Ene-de gyzyñ gaşynda,
Bilenok gyz öýden çykyp.
Aýaz ýigidiñ başynda
urunýar awusyn döküp.
Aý dogup, ýene ýaşanda
Ýigit dur şol aýna bakyp.
Beýle hala gyz düşende
oturmasa için çekip,
nätsin, ene düşeginde
ýatman otyr çyra ýakyp.
Ene gyzy ýetişende

öňküsinden hasam ýakyn.
Synada ot tutaşanda
almakçy gyz yşkdan hakyn.
Goý, bolsun bir-birne rakyp,
ýüzügara etmesinler!
Ýa beýdişip, eräp-akyp
ýörmän, wah, gowsy, şonda
abraý bilenjik gitseler!

Gowşut ŞAMYÝEW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy. Goşgular